# Ýagşy-da bir, pis-de bir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýagşy-da bir, pis-de bir ÝAGŞY-DA BIR, PISDE BIR



Ýagşy gadryn ýagşy biler añlanlar,
Añlamaza ýagşy-da bir, pis-de bir.
Göwher gadryn biler göwherşynaslar,
Çopanlara göwher-de bir, mis-de bir.
Dost-dostdan galmasa, köñli hoş bolar,
Galsa köñül aýry düşer, daş bolar,
Bilmezlere bu bir müşgil iş bolar,
Bilenlere saman-da bir, haş-da bir.

Kemelip haýyrlar, köpelip şerler,
Bet işler set bolup, artypdyr zorlar,
Dünýä zelzelesin eşitmez kerler,
Kör pakyra tabak-da bir, tas-da bir.

Alymlar sözüne gulak salmazlar,
Pakyr-pukaralar göze ilmezler,
Sözlärler ýalany, çyny bilmezler,
Anyñ için ýalan-da bir, ras-da bir.

Zelili diýr, bilmen niçik hasapdyr,

Bu galypdyr asly gurjy gerapdyr (?),
Zamana çepbedir, eýýam erdapdyr,
Bu eýýam-da aam-da bir, has-da bir.